# Gapy kakýan ýok!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gapy kakýan ýok! GAPY KAKÝAN ÝOK!

Penjireler,
penjireler bir eýýäm çañ basan,
gapy kakýan ÿok,
garaşma ýaña!
Gijäñ ebediligi öÿüñe ösen,
gapy kakýan ÿok,
garaşma ýaña,
diñ salma,
atmajak daña!
Gan urgusy damarda
tolkunyn gün-günden ýuwudan ÿaly,
ÿüregim
ýitirip ugrun,
dirilik akymyn unudan ýaly
dynjym bozÿar oÿlarymyñ çyzygyn.
gapy kakýan ýok!
Hyjuwly duýgular ýitgide gagşap,
tümlüge ogşap,
gutaryp dur gözlegin.
gapy kakýan ýok!
Gökden göklük göçer,
toprakdan yssy
howada gaýmasa söýginiñ sesi.
garaşma daña,
diñ salma ýaña,
gapy kakýan ÿok!

Ybraýym BADAHŞAN
(Türkmensähra) Goşgular